IL SAGLYGY — ÝURT BAÝLYGY

# IMMUNIZASIÝA HEPDELIGI DOWAM EDÝÄR

*Häzirki döwürde ýiti ýokanç keselleriň öňüni almagyň esasy usullarynyň biri immunizasiýa çäreleri, ýagny ilat arasynda sanjymlama işleriniň geçirilmegidir. Ýokanç kesellere garşy gorag immunitetini gazanmak üçin her bir çaganyň öňüni alyş sanjymlaryny öz wagtynda almagy wajypdyr. Bu ugurdaky işler degişli tertip boýunça geçirilýär. Öňüni alyş sanjymlary epidemiologik abadançylygy saklamagyň esasy şerti bolup durýar. Bu abadançylyk birnäçe ýyllaryň dowamynda çagalara we uly ýaşlylara sanjymlama işleriniň 95 — 99 göterim derejede geçirilendigi bilen baglydyr. Öňüni alyş çäresiniň durnukly ýokary derejede saklanmagy keselleriň düýbünden ýitip gitmegine getirýär. Muňa Ýewropa sebitiniň 2002-nji ýylda poliomielit keselinden azat bolandygyny mysal getirmek mümkin.*

2005-nji ýylyň aprelinden başlap, köp ýurtlarda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebitiniň teklibi boýunça her ýyl immunizasiýa hepdeligi geçirilýär. Onuň esasy maksady ene-atalaryň, hossarlaryň, saglygy goraýyş işgärleriniň, ýolbaşçylaryň arasynda immunizasiýanyň ähmiýeti barada wagyz-nesihat işleri arkaly öňüni alyş sanjymlarynyň gurşawyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Immunizasiýa hepdeligi 2007-nji ýyldan bäri geçirilip, şu ýyl ol aprel aýynyň ahyrky hepdesine meýilleşdirildi. Şu günler hepdeligiň çäginde immunizasiýanyň ähmiýeti barada giňişleýin wagyz-nesihat işleridir habar beriş çäreleri geçirilýär. Şunda «Il saglygy — ýurt baýlygy» atly telegepleşigiň ýörite sany hem taýýarlanyldy.

Hepdeligiň dowamynda ähli saglyk öýlerinde öňüni alyş sanjymlarynyň ähmiýeti we zerurlygy barada maslahat bermek üçin telefon arkaly «Gyzgyn aragatnaşyklar» ýola goýulýar. Maslahat beriş otaglary açylyp, sanjymlaryň ähmiýeti ilata düşündirilýär. Sanjymlardan ýüz dönderýän ene-atalar bilen aýratyn wagyz-nesihat işleri geçirilýär. Şeýlede degişli çäkde hasapda durmaýan we meýilnama boýunça sanjym almaýan çagalary ýüze çykarmak maksady bilen, ýazuw geçirilýär. Dürli sebäplere görä sanjym almadyklar ýüze çykarylan ýagdaýynda, olara degişli tertipde sanjym geçirilýär. Maşgala lukmanlarynyň, inçe ugurly saglygy goraýyş hünärmenleriniň arasynda immunizasiýa bilen bagly soraglar boýunça amaly-okuw maslahatlary guralýar. Hamyla zenanlar bilen sanjymlaryň ähmiýeti barada gürrüňdeşlik geçirilýär. Ýerlerdäki keseli bejeriş-öňüni alyş edaralarynda saglygy goraýyş hünärmenleriniň arasynda immunizasiýa sowallaryna degişli bäsleşikler guralýar. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde, lukmançylyk orta okuw mekdeplerinde talyplaryň we mugallymlaryň arasynda ýokanç keselleriň öňüni alyş çäreleri, immunizasiýa barada okuw maslahatlaryny, mekdeplerde «Saglyk» açyk sapaklaryny guramak meýilleşdirildi.

Öňüni alyş sanjymlary ynsan saglygy üçin örän wajypdyr. Olaryň kömegi bilen diňe bir ýokanç keselleriň däl, şolaryň netijesinde ýüze çykýan agyr gaýraüzülmeleriň hem öňi alynýar.

***Güljemile BAZAROWA,***
***Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkeziniň keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek we immunologiýa bölüminiň müdiri.***

# ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIKLI SÖWDA!

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi döwlet eýeçiligindäki desgalary hususylaşdyrmak hakyndaky kanunçylyga laýyklykda, döwlet eýeçiligindäki desgalary satmak boýunça sanly ulgam hem-de mobil goşundysy arkaly bäsleşikli söwdalaryň geçirilýändigini habar berýär.

**Bäsleşikli söwda 2024-nji ýylyň 16-njy maýynda sagat 10:00-da Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň binasynda geçirilýär. Salgysy: Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 156-njy jaýy.**

Bäsleşikli söwdada Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň, «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň, «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň, «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň, «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň, Aşgabat şäher, Daşoguz, Lebap hem-de Mary welaýat häkimlikleriniň satuwa çykarýan desgalarynyň sanawy:

| T.b. | Desgalaryň ady, ýerleşýän ýeri | Desgalaryň görnüşi (işiniň ugry, gurlan ýyly) | Binalaryň meýdany (inedördül metr) | Başlangyç bahasy (manat) | Hususylaşdyrmagyň şertleri |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| | **TÜRKMENISTANYŇ SÖWDA WE DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLAR MINISTRLIGINIŇ DESGALARY** | | | | |
| | **Daşoguz welaýaty** | | | | |
| 1. | Daşoguz welaýat Alyjylar jemgyýetleri birleşiginiň Daşoguz lomaý söwda bazasynyň «Galkynyş» toý mekany, Daşoguz şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolunyň 28/2-nji jaýy. | Söwda we hyzmat, 1998 ý. | 1 650,26 | 9 118 961,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 2. | Daşoguz welaýat Alyjylar jemgyýetleri birleşiginiň Akdepe etrap alyjylar jemgyýetiniň 9-njy dükany, Andalyp şäheriniň Geňeşlik köçesiniň 7-nji jaýy. | Söwda we hyzmat, 1958 ý. | 239,36 | 543 777,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 3. | Boldumsaz lomaý söwda bazasynyň 4-nji kafesi, Boldumsaz etrabynyň Aşgabat geňeşliginiň Täze güýç obasy. | Söwda we jemgyýetçilik iýmiti, 1977 ý. | 336,45 | 356 827,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 4. | Şabat etrabynyň Söwda-önümçilik birleşiginiň 14-nji naharhanasy, Şabat şäheriniň Türkmenbaşy şaýoly. | Söwda we jemgyýetçilik iýmiti, 1988 ý. | 341,82 | 439 177,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 5. | Şabat etrabynyň Söwda-önümçilik birleşiginiň 17-nji naharhanasy, etrabyň Sadulla Rozmetow adyndaky şäherçesi. | Söwda we jemgyýetçilik iýmiti, 1985 ý. | 368,95 | 467 751,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 6. | Boldumsaz lomaý söwda bazasynyň mal bazary, Boldumsaz şäheriniň P.Kazakow köçesiniň 91-nji jaýy. | Söwda we hyzmat, 1978 ý. | 1465,04 | 1 434 325,50 | Hususy eýeçilige satmak |
| 7. | Akdepe etrap alyjylar jemgyýetiniň 3-nji çörek sehi, Ruhubelent etrabynyň Ruhubelent şäherçesiniň Döwletli köçesiniň 1-nji jaýy. | Önümçilik, 2010 ý. | 667,94 | 779 685,30 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **Balkan welaýaty** | | | | |
| 8. | Esenguly etrap alyjylar jemgyýetiniň söwda merkezi, Esenguly şäheri. | Söwda işleri, 2008 ý. | 737,80 | 1 333 752,30 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **Lebap welaýaty** | | | | |
| 9. | Lebap welaýat Alyjylar jemgyýetleri birleşiginiň «Dostluk» alyjylar jemgyýetiniň öňki «Amyderýa» söwda kärhanasynyň binalary, Köýtendag etrabynyň Amyderýa şäherçesi. | Söwda işleri, 1985 — 2005 ýý. | 3 512,80 | 1 843 790,90 | Hususy eýeçilige satmak |
| 10. | Hojambaz etrap alyjylar jemgyýetiniň limon ýyladyşhanasy, Hojambaz etraby, Kerkiçi — Farap awtoulag ýoly. | Önümçilik, 1994 ý. | 659,60 | 71 660,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| 11. | Köýtendag etrap alyjylar jemgyýetiniň «Jeýhun» naharhanasy, Kerkiçi şäherçesiniň Magtymguly köçesi. | Jemgyýetçilik iýmiti, 1974 ý. | 268,50 | 82 526,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **Mary welaýaty** | | | | |
| 12. | Türkmengala etrap alyjylar jemgyýetiniň 7-nji kafesi, etrabyň Kemine obasynyň Merw köçesiniň 72-nji jaýy. | Söwda we jemgyýetçilik iýmiti, 1968 ý. | 188,60 | 121 647,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| 13. | Murgap etrap alyjylar jemgyýetiniň limonad sehi, etrabyň Oguz han şäherçesi. | Önümçilik, 1983 ý. | 1 186,60 | 285 886,80 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **TÜRKMENISTANYŇ AZYK SENAGATY DÖWLET BIRLEŞIGINIŇ DESGALARY** | | | | |
| | **Mary welaýaty** | | | | |
| 14. | «Miwe» oba hojalyk senagaty birleşiginiň Mary şäheriniň Bagtyýarlyk köçesiniň ugrundaky 2-nji dükany. | Hyzmat, 1972 ý. | 192,80 | 2 572 226,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| 15. | Mary welaýat Azyk önümçilik birleşiginiň Serhetabat et önümleri bölümi, Serhetabat şäheriniň Gündogar toplumynyň 3-nji jaýy. | Et önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, 2015 ý. | 372,70 | 1 153 812,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **Lebap welaýaty** | | | | |
| 16. | Lebap welaýat Azyk önümçilik birleşiginiň Saýat etrabynyň Soltanýazgala geňeşliginiň çäginde ýerleşýän iri şahly mallar hem-de guşçulyk kömekçi hojalygy. | Önümçilik, 1964 — 2013 ýý. | 25 494,60 | 25 226 703,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **«TÜRKMENAWTOULAGLARY» AGENTLIGINIŇ DESGASY** | | | | |
| | **Aşgabat şäheri** | | | | |
| 17. | Awtoulag serişdelerini abatlamak, ýerlemek we olara enjamlaýyn hyzmat etmek boýunça önümçilik birleşiginiň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň «Garadamak» ýaşaýyş toplumynyň 1-nji liniýa köçesinde ýerleşýän ussahanasy. | Hyzmat, 1996 ý. | 1 086,10 | 11 136 582,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **AŞGABAT ŞÄHER HÄKIMLIGINIŇ DESGALARY** | | | | |
| 18. | «Nur zaman» hojalyk jemgyýetiniň edara binasy, Aşgabat şäheriniň 2127-nji (G.Kulyýew) köçesiniň 15-nji jaýy. | Edara binasy, 2016 ý. | 4 299,60 | 45 968 148,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| 19. | «Damjaly baglar» hojalyk jemgyýetiniň edara binasy, Aşgabat şäheriniň 2127-nji (G.Kulyýew) köçesiniň 50-nji jaýy. | Edara binasy, 2016 ý. | 3 004,30 | 45 968 148,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **«TÜRKMENBAŞY» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ DESGALARY** | | | | |
| 20. | Aşgabat şäheriniň 1945-nji (10 ýyl Abadançylyk) köçesiniň 160-njy jaýynyň 1-nji gatynda ýerleşýän 1-nji söwda dükany. | Söwda işleri, 2013 ý. | 268,70 | 5 413 971,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 21. | Aşgabat şäheriniň 1945-nji (10 ýyl Abadançylyk) köçesiniň 160-njy jaýynyň 1-nji gatynda ýerleşýän 2-nji söwda dükany. | Söwda işleri, 2013 ý. | 206,60 | 4 162 734,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **AWTOMOBIL ÝOLLARYNYŇ GURLUŞYGYNY DOLANDYRMAK BARADAKY DÖWLET AGENTLIGINIŇ DESGASY** | | | | |
| | **Daşoguz welaýaty** | | | | |
| 22. | Awtomobil ýollary müdirliginiň Köneürgenç ýol bölüminiň edara binasy, Köneürgenç etrabynyň Derýalyk geňeşligi. | Edara binasy, 1984 ý. | 1 674,36 | 3 855 976,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **«TÜRKMENHALY» DÖWLET BIRLEŞIGINIŇ DESGASY** | | | | |
| | **Mary welaýaty** | | | | |
| 23. | Mary çeper halyçylyk kärhanasyna degişli Bagtyýarlyk haly önümhanasy, Baýramaly etrabynyň Bagtyýarlyk şäherçesiniň Şagadam köçesiniň 3-nji jaýy. | Haly önümlerini öndürmek, 2015 ý. | 266,30 | 489 732,80 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ DESGALARY** | | | | |
| | **Mary welaýaty** | | | | |
| 24. | «Maryazot» önümçilik birleşiginiň Murgap etrabynyň «Görelde» daýhan birleşiginde ýerleşýän «Arzuw» sagaldyş merkezi. | Hyzmat, 1987 — 2004 ýý. | 3 235,00 | 6 977 300,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **Balkan welaýaty** | | | | |
| 25. | «Garabogazkarbamid» zawodynyň «Gülaý» kafesi, Türkmenbaşy etrabynyň Garabogaz şäheriniň A.Nyýazow köçesiniň 21-nji jaýy. | Söwda we jemgyýetçilik iýmiti, 1972 ý. | 291,80 | 253 121,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 26. | «Garabogazkarbamid» zawodynyň 3-nji dükany, Garabogaz şäheriniň 1-nji kiçi etrapçasy. | Söwda, 1989 ý. | 348,08 | 301 879,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 27. | «Garabogazkarbamid» zawodynyň 4-nji dükany, Garabogaz şäheriniň Garaşsyzlyk köçesi. | Söwda, 1990 ý. | 79,46 | 68 908,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **DAŞOGUZ WELAÝAT HÄKIMLIGINIŇ DESGASY** | | | | |
| 28. | Daşoguz şäheriniň Oguz han köçesiniň 1/1-nji jaýynda ýerleşýän Daşoguz Jemagat abatlaýyş-gurluşyk trestiniň Daşoguz turba zawody. | Önümçilik, 1993 — 1997 ýý. | 6 444,84 | 15 773 248,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **LEBAP WELAÝAT HÄKIMLIGINIŇ DESGALARY** | | | | |
| 29. | «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň 19-njy gurluşyk-gurnama müdirligi, Köýtendag etrabynyň Amyderýa şäherçesiniň S.A.Nyýazow köçesiniň 22-nji jaýy. | Gurluşyk-gurnama işleri, 1971 ý. | 3 037,70 | 2 231 097,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| 30. | Türkmenabat şäheriniň «Himik» kiçi etrapçasynyň Zelili köçesiniň ugrunda ýerleşýän bina. | Söwda we hyzmat, 1990 ý. | 927,10 | 3 522 980,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| 31. | «Lebapdaşarysöwda» daşary ykdysady birleşiginiň Türkmenabat şäheriniň Mukaddes Ruhnama köçesiniň ugrunda ýerleşýän dükan jaýy. | Söwda, 2014 ý. | 28,50 | 108 300,00 | Hususy eýeçilige satmak |
| 32. | «Lebapdaşarysöwda» daşary ykdysady birleşiginiň Türkmenabat şäheriniň Azatlyk köçesiniň ugrunda ýerleşýän «Döwrebap» söwda-dynç alyş merkezi. | Söwda, 2017 ý. | 8 779,80 | 41 514 259,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 33. | «Lebapdaşarysöwda» daşary ykdysady birleşiginiň Türkmenabat şäheriniň Garaşsyz Diýar we Merw köçeleriniň çatrygynda ýerleşýän iki gatly binasy. | Söwda, 2016 ý. | 5 407,70 | 24 624 533,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 34. | «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň 18-nji gurluşyk-gurnama müdirliginiň Dänew etrabynyň Berzeň geňeşliginiň Hendekli obasynda ýerleşýän bişen kerpiç öndürýän sehi. | Önümçilik, 2017 ý. | 3 967,00 | 4 843 402,40 | Hususy eýeçilige satmak |
| 35. | «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň 18-nji gurluşyk-gurnama müdirliginiň Saýat etrabynyň Suwçyoba şäherçesiniň golaýynda ýerleşýän dynç alyş öýi. | Önümçilik we hyzmat, 1988 ý. | 1 677, 20 | 3 425 633,60 | Hususy eýeçilige satmak |
| 36. | «Lebapdaşarysöwda» daşary ykdysady birleşiginiň Türkmenabat şäheriniň Bitarap Türkmenistan köçesiniň 24/3-nji salgysynda ýerleşýän önümçilik jaýy. | Önümçilik we hyzmat, 1976 ý. | 248,00 | 958 995, 20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 37. | Lebap welaýat Jemagat hojalygy birleşiginiň Türkmenabat Ýaşaýyş jaý ulanyş trestiniň dört gatly ýaşaýyş jaýynyň birinji gatyndaky binasy, Türkmenabat şäheriniň S.A.Nyýazow köçesiniň 22-nji «A» jaýy. | Söwda we hyzmat, 2009 ý. | 884,7 | 3 782 092, 50 | Hususy eýeçilige satmak |
| 38. | «Lebapgurluşyk» önümçilik birleşiginiň 13-nji gurluşyk-gurnama müdirligi (Görogly beg Türkmen köçesinde ýerleşýän edara jaýy we Çärjew etrabyndaky bazasy bilen bilelikde), Türkmenabat şäheriniň Ärsarybaba köçesiniň 52-nji jaýy. | Gurluşyk-gurnama işleri, 1966 — 1981 ýý. | 2 479,00 | 6 205 318,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| | **MARY WELAÝAT HÄKIMLIGINIŇ DESGALARY** | | | | |
| 39. | «Marygurluşykhyzmat» müdirliginiň Mary — Murgap awtomobil ýolunyň 12-nji kilometrliginde ýerleşýän asfalt sehi. | Önümçilik, 1959 — 1972 ýý. | 501,90 | 2 632 847,20 | Hususy eýeçilige satmak |
| 40. | «Marygurluşyk» önümçilik birleşiginiň «Marygurluşykhyzmat» müdirliginiň binasy, Sakarçäge etrabynyň Parahat şäherçesiniň Gowşut han köçesiniň 1-nji geçelgesi. | Gurluşyk-gurnama işleri, 2013 — 2015 ýý. | 187,00 | 105 299,10 | Hususy eýeçilige satmak |

Bäsleşikli söwdalara gatnaşmaga Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde öz wagtynda ýüztutma beren, öňünden ýörite tölegleri tölän hem-de bäsleşikli söwdalara gatnaşmak üçin hasaba alnan Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň raýatlary, şeýle hem Türkmenistanyň döwlet eýeçiligine degişli däl edara görnüşli taraplary we daşary ýurtlaryň edara görnüşli taraplary çagyrylýar.

Daşary ýurtlaryň kanunçylygyna laýyklykda döredilen ýuridik şahslar, halkara guramalar, olaryň Türkmenistandaky şahamçalary we hemişelik wekillikleri eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagyna we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagyna diňe Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanyndaky Ykdysadyýeti döwekgelçiliklerden goramak agentliginiň degişli netijenamasy bolan ýagdaýynda gatnaşyp bilerler.

Ýüztutmalary kabul etmek we hasaba almak şu habaryň çap edilen gününden başlap, bäsleşikli söwdalaryň başlanmagyna bir gije-gündiz galanda tamamlanýar. Ýüztutmalary kabul etmek we hasaba almak elektron görnüşde, internet ulgamynyň üsti bilen, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň sanly hyzmatlar gurşawynyň «Bäsleşikli söwdalar» bölümi ýa-da «Bäsleşikler» atly mobil goşundysy arkaly amala aşyrylýar (şunda gatnaşyjylar tarapyndan ýüztutmalaryň asyl nusgalary hem-de «Döwlet emläginiň bäsleşikli söwdada satylmagynyň tertibiniň» 24-nji böleginde göz öňünde tutulan resminamalar ministrlige iberilýär). Gatnaşyjylary hasaba almak bäsleşik geçirilýän güni sagat 9:00-da başlanýar. Gatnaşyjynyň mobil enjamyna 0718 gysga belgiden söwdanyň geçiriljek wagty hakynda awtomatik usulda SMS habary ýollanýar. Bäsleşikli söwdalara gatnaşmagyň tertibi, desgalar baradaky goşmaça maglumatlar ministrligiň emläk gatnaşyklary we telekeçiligi goldamak bölümi, degişli ugurdaş bölümler tarapyndan berilýär. Bäsleşikli söwdalara gatnaşyjylara hususylaşdyrylýan desgalar baradaky maglumatlar bilen öňünden tanyşmaga mümkinçilik berilýär.

Döwlet eýeçiligindäki desgalar olaryň borçnamalary bilen bilelikde hususylaşdyrylýar.

**Habarlaşmak üçin telefon belgileri:**

| | | | |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäherinde | (+993 12) 92-12-97, 92-11-34, 39-46-63/73/69; | Daşoguz şäherinde | (+993 322) 9-10-19, 9-15-10; |
| Änew şäherinde | (+993 137) 33-0-21, 33-1-80; | Türkmenabat şäherinde | (+993 422) 6-11-52, 6-11-59; |
| Balkanabat şäherinde | (+993 222) 7-89-34, 7-89-17, 7-89-53; | Mary şäherinde | (+993 522) 6-06-87, 6-05-41. |

*Şu maglumatlar bäsleşikli söwdanyň geçiriljek meýdançasy bolan www.e.fineconomic.gov.tm sanly hyzmatlar gurşawynda hem ýerleşdirildi.*

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-09-01; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan-gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-113845 Nusgasy 23999 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4 833001 500011

Bahasy 30 teňňe.

